# Aýrylsa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Aýrylsa AÝRYLSA / Aýdym

Yşk heseri joşgun urar aşykda,
Göwün söýen dildaryndan aýrylsa.
Lezzet çekip ýaşan bagly köşkde,
Gadryn biler saýasyndan aýrylsa.

Yşk şäheri weýran boldy bir demde…
Daşlar dargap ýatyr her bir ädimde.
Gaýgy ýüki ýetik bolar adamda,
Bagyr awusy perzendinden aýrylsa.

El döwgi deý her agajyñ parasy,
Her bir kerpiç göýä gözüñ garasy…
Awunsa-da biter ýürek ýarasy,
Ynsan ýakyn mähribandan aýrylsa.

Merdana halk galdy aýak üstüne,
Aşgabady dikeltmäge dessine.
Şäher owsun atar ýañadan ýene,
Lagşap ýatan harabadan aýrylsa.

Görki haýran eder, tiz bolar abat,
Sandyramaz, sarsmaz, hiç bolmaz bibat,
Ülkämiñ paýtagty gözel Aşgabat,
Ýürek telwas urar senden aýrylsa.

1948.

Berdi KERBABAÝEW. Goşgular